Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#10(293)

четверг, 13 марта 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

# ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА
# Международные новости



## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**13-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Mejlisde döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Döwlet Baştutanymyz mejlisi açyp, jenaýat edendikleri üçin iş kesilen we eden etmişlerine ökünip, ak ýürekden toba gelen raýatlaryň mukaddes Gadyr gijesi mynasybetli günäsiniň geçilýändigini belledi.

Soňra Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Raýatlyk we günä geçmek meseleleri boýunça teklipleri taýýarlamak baradaky toparyň başlygy B.Gündogdyýewe söz berildi. Ol jenaýat edendikleri üçin kesilen raýatlaryň mübärek Gadyr gijesi mynasybetli günäsini geçmek boýunça bu toparyň geçiren işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, asylly däbe laýyklykda, iş kesilen 336 raýatyň Gadyr gijesi mynasybetli günäsini geçmek hakynda Permana gol çekdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz B.Gündogdyýewe hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde günäsi geçilen adamlary tussaglykdan boşadyp, olaryň ýakyn wagtda öz öýlerine, maşgala agzalarynyň arasyna barar ýaly zerur işleri geçirmegi tabşyrdy, günäsi geçilen adamlara bolsa yhlasly zähmet çekip, eziz Watanymyza ak ýürekden hyzmat edip, halal zähmetiň hözirini görüp ýaşamaklaryny arzuw etdi.

Soňra Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berildi. Milli parlamentiň ýolbaşçysy ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigi barada öňde goýlan wezipelerden ugur alyp, häzirki wagtda adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň goraglylygyny üpjün etmek, işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak, migrasiýa, daşky gurşawy goramak bilen bagly we başga-da birnäçe hereket edýän kanunçylyk namalaryna döwrebap üýtgetmeleridir goşmaçalary girizmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamak babatda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow ätiýaçlandyryş ulgamyny ösdürmek, bu ugurda hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmek, onuň hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ätiýaçlandyryş ulgamyny ösdürmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi we wise-premýere ätiýaçlandyryşyň hukuk binýadyny kämilleşdirmek babatda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Agajanow «Türkmennebit» döwlet konserniniň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu ugurdaky işler geljegi uly nebit we gaz ýataklarynda ulanyş, gözleg-barlag guýularynyň gazuw, özleşdirmek işlerini bökdençsiz alyp barmaga mümkinçilik berer. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda nebitgaz ýataklaryny düýpli özleşdirmek, buraw işlerini ýokary hilli we öz wagtynda ýerine ýetirmek boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini nygtady hem-de bu ugurda taýýarlanan Karara gol çekip, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy hem-de ählihalk bag ekmek dabarasyna görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmegi dowam etdirmegiň, möwsümleýin oba hojalyk işlerini agrotehniki talaplar esasynda geçirmegiň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz daşky gurşawy goramak, ekologik abadançylygy üpjün etmek boýunça işleri üns merkezinde saklamagyň möhümdigini aýtdy we Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek maksady bilen, Türkmenistanda ählihalk bag ekmek dabarasyny geçirmek hakynda Karara gol çekdi hem-de wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow ýurdumyzyň ýolgurluşyk pudagyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda awtomobil ýollaryny gurmak, döwrebaplaşdyrmak, halkara ulag geçelgelerini döretmek boýunça netijeli işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi hem-de wise-premýere ýol-ulag ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmek babatda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew Serbiýa

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ПОРТУГАЛЬСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления г-ну Антониу Жозе Сегуру по случаю вступления в должность Президента Португальской Республики.

Пользуясь этой возможностью, глава государства адресовал Президенту Антониу Жозе Сегуру пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в деятельности во имя дальнейшего прогресса и процветания Португалии.

### НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ВЕРХОВНОГО ЛИДЕРА ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ИРАН

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Аятолле Сейеду Моджтабу Хосейни Хаменеи по случаю избрания на должность Верховного Лидера Исламской Республики Иран.

Пользуясь случаем, Герой-Аркадаг пожелал Верховному Лидеру Исламской Республики Иран крепкого здоровья, а также больших успехов во всех делах и начинаниях во имя мира и процветания народа Ирана.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Respublikasynyň Belgrad şäherinde geçiriljek «EKSPO — 2027» Bütindünýä ýöriteleşdirilen sergisine Türkmenistanyň ýokary derejede gatnaşmagyny üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň iri möçberli halkara çärelere yzygiderli gatnaşýandygyny belledi. «Munuň özi dünýä döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge ýardam edýär» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we Türkmenistanyň «EKSPO — 2027» Bütindünýä sergisine gatnaşmagy bilen bagly taýýarlanan teklipleri makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli geçiriljek baýramçylyk çärelerine taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda giňden bellenilýän bu baýram mynasybetli Ahal welaýatynyň «Nowruz ýaýlasynda» geçiriljek dabara Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň eserleriniň, Nowruz bilen bagly milli däp-dessurlaryň esasynda taýýarlanylan medeni-köpçülikleýin çäreler bilen badalga alar. Bu ýerde ýurdumyzyň döredijilik toparlarynyň çykyşlaryny, dürli sergileri ýaýbaňlandyrmak, halkymyzyň ekerançylyk, maldarçylyk, bagbançylyk, senetçilik, maşgala toýlary bilen bagly däp-dessurlaryny beýan edýän çykyşlaryň, medeniýet we sungat ussatlarynyň baýramçylyk konsertiniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, wise-premýere ýurdumyzda Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli baýramçylyk dabarasyna gowy taýýarlyk görmegi we ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow şu ýylyň aprel aýynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde geçiriljek halkara ylmy-amaly maslahatlar we olimpiadalar barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda bilim ulgamyny ösdürmäge, zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga uly üns berilýändigini, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň berkidilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz ýokary okuw mekdeplerinde halkara ylmy-amaly maslahatlary we olimpiadalary geçirmek baradaky teklipleri makullap, wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistan bilen Halkara Deňiz Guramasynyň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda Halkara Deňiz Guramasynyň degişli halkara konwensiýalarynyň talaplaryny ýokary derejede üpjün etmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge degişli taýýarlanan teklipleri makullap, wise-premýer, daşary işler ministrine tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek we döwlet edaralarynyň işini kämilleşdirmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi hem-de wise-premýere pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň hukuk binýadyny berkitmek ugrunda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ BAŞLYGYNYŇ HALKARA ZÄHMET GURAMASYNYŇ ÝEWROPA WE MERKEZI AZIÝA BOÝUNÇA SEBITLEÝIN DIREKTORY BILEN DUŞUŞYGY



2026-njy ýylyň 11-nji martynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowanyň Halkara Zähmet Guramasynyň Ýewropa we Merkezi Aziýa boýunça Sebitleýin direktory Peter wan Rooý bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşykda hemişelik Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan ynsanperwer içeri we daşary syýasatynyň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlarynyň halkara ähmiýeti nygtaldy.

Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň düzüm birlikleriniň, şeýle-de Halkara Zähmet Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de köptaraplaýyn esasda işjeňleşdirmegiň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şeýle hem Türkmenistanyň Hökümeti bilen Halkara Zähmet Guramasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça çäreleriň 2024-2025-nji ýyllar üçin «Ýol kartasynyň» çäklerinde ýerine ýetirilen işleriň oňyn netijeleri, şeýle-de «Ýol kartasynda» 2026-njy ýylda göz öňünde tutulan işler barada pikir alşyldy.

Türkmen tarapy Halkara Zähmet Guramasynyň wekiliýetini toplanan tejribäniň we umumy ykrar edilen halkara kadalaryň esasynda, şeýle hem Türkmenistanyň goşulyşan halkara şertnamalaryndan gelip çykýan kadalary ýurdumyzyň milli kanunçylygyna girizmek arkaly zähmet kanunçylygyny, adam hukuklaryna, çagalaryň we ilatyň durmuş taýdan goraglylygyna degişli kanunçylyk namalaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler bilen tanyşdyrdy.

Peter wan Roý Türkmenistanda bu ugurda alnyp barylýan işleriň netijelerine ýokary baha berip, ýakyn geljek üçin hyzmatdaşlyga bolan garaýyşlaryny beýan etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ DIM-DE HALKARA ZÄHMET GURAMASYNYŇ WEKILLERINIŇ GATNAŞMAGYNDA PUDAGARA TEGELEK STOL MASLAHATY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 12-nji martynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Halkara Zähmet Guramasynyň (HZG) wekilleriniň gatnaşmagynda zähmet, durmuş taýdan goraglylyk we durnukly ösüş ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek meselelerine bagyşlanan tegelek stol maslahaty geçirildi.



Çärä Türkmenistanyň Mejlisiniň, degişli ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň, halkara guramalarynyň wekilleri, şeýle hem sosial hyzmatdaşlar gatnaşdylar.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistan bilen Halkara Zähmet Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şolaryň hatarynda zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmek, mynasyp zähmet ýörelgelerini ilerletmek hem-de durmuş ugurly syýasaty pugtalandyrmaga gönükdirilen bilelikdäki maksatnamalary durmuşa geçirmek meseleleri bar.

Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary M.Bäşimowa öz çykyşynda Türkmenistanyň Halkara Zähmet Guramasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini hem-de ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň derejesini ýokarlandyrmaga, mynasyp zähmet şertlerini üpjün etmäge we iş bilen üpjünçilik mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen döwlet syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirýändigini belledi. Şeýle hem HZG bilen hyzmatdaşlygyň öňdebaryjy halkara tejribäni ornaşdyrmaga we milli zähmet gatnaşyklary ulgamyny pugtalandyrmaga ýardam berýändigi nygtaldy.

Tegelek stol maslahatynyň dowamynda 2025-nji ýylda alnyp barlan bilelikdäki işleriň netijelerine, mynasyp zähmet ýörelgelerini ilerletmäge gönükdirilen bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegine, şeýle hem 2026-njy ýyl üçin hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna aýratyn orun berildi.

Çykyş edenler Türkmenistanyň durmuş-zähmet ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça alyp barýan yzygiderli işlerini belläp, tejribe alyşmagyň we Halkara Zähmet Guramasy bilen hyzmatdaşlyk başlangyçlaryny giňeltmegiň ähmiýetini nygtadylar.

## TÜRKMENISTAN BILEN HALKARA ZÄHMET GURAMASYNYŇ ARASYNDA HYZMATDAŞLYGYŇ GELJEKKI UGURLARY ARA ALNYP MASLAHATLAŞYLDY

2026-njy ýylyň 12-nji martynda Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary M.Bäşimowa bilen Halkara Zähmet Guramasynyň (HZG) Ýewropa we Merkezi Aziýa ýurtlary boýunça sebit direktory Piter Wan Rooýuň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň başynda türkmen tarapy Piter Wan Roýy täze wezipä bellenilmegi bilen gutlap, onuň iş tejribesiniň Türkmenistan bilen Halkara Zähmet Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Taraplar Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamy bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerinde Halkara Zähmet Guramasy bilen gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilýändigini belläp, hyzmatdaşlygyň ulgamlaýyn häsiýete eýedigini hem-de bilelikdäki ýol kartalarynyň we taslamalarynyň üsti bilen amala aşyrylýandygyny nygtadylar.

Söhbetdeşligiň dowamynda Türkmenistanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň institusional gatnaşygyny giňeltmek meseleleri, şeýle hem mynasyp zähmet ýörelgelerini öňe sürmäge we sosial dialogy ösdürmäge gönükdirilen bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistan bilen Halkara Zähmet Guramasynyň arasynda 2026-njy ýyl üçin hyzmatdaşlyk boýunça Ýol kartasynyň durmuşa geçirilmeginiň ähmiýeti bellenildi.

Türkmenistanyň Halkara Zähmet Guramasynyň işine gatnaşmagynyň çäklerinde ýurduň guramanyň konwensiýalary boýunça yzygiderli hasabatlary hödürleýändigi hem-de şu ýylyň iýun aýynda Ženewada geçiriljek Halkara Zähmet konferensiýasynyň nobatdaky mejlisine gatnaşýandygy bellenildi.

Duşuşygyň jemleri boýunça taraplar Türkmenistanyň Halkara Zähmet Guramasy bilen hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga özara gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar.

## ЗАМЕСТИТЕЛЬ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ А. ГУРБАНОВ ВСТРЕТИЛСЯ С ПОСЛОМ АВСТРАЛИИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

12 марта 2026 года состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана А.Гурбанова с Послом Австралии в Туркменистане (с резиденцией в г. Москве) Джоном Уильямом Гирингом.

В ходе встречи стороны обсудили текущее состояние и перспективы развития двусторонних отношений между Туркменистаном и Австралией. Особое внимание было уделено



вопросам укрепления политико-дипломатического диалога, расширения взаимодействия в торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Собеседники также обменялись мнениями по актуальным вопросам международной и региональной повестки. В частности, была затронута ситуация на Ближнем Востоке. При этом была подчеркнута значимость объединения усилий для обеспечения мира, безопасности и стабильности в данном регионе.

Воспользовавшись возможностью, Посол Джон Уильям Гиринг поблагодарил туркменскую сторону за содействие в транзите граждан Австралии, следующих из Ирана.

В завершение встречи стороны подтвердили готовность продолжать конструктивный диалог, направленный на дальнейшее укрепление дружественных отношений между Туркменистаном и Австралией.

## HUMANITARIAN COOPERATION AGENDA WITH THE INTERNATIONAL COMMITTEE OF THE RED CROSS DISCUSSED AT THE MFA OF TURKMENISTAN

On 13 March 2026, a meeting was held at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and Head of the Regional Representation of the International Committee of the Red Cross in Central Asia Ms. Biljana Milosevic.



During the meeting, the sides discussed current issues of humanitarian cooperation as well as prospects for further development of interaction between Turkmenistan and the International Committee of the Red Cross.

The Turkmen side emphasized that Turkmenistan, guided by its status of permanent neutrality, consistently advocates strengthening peace, trust and constructive international cooperation. Particular attention is paid to the humanitarian dimension of regional security and the protection of civilians.

The unwavering commitment of Turkmenistan to the norms of international humanitarian law and its support for the fundamental principles of humanity, neutrality, impartiality and independence of humanitarian activities were reaffirmed. The Turkmen side highly appreciated the activities of the International Committee of the Red Cross in providing assistance to people facing difficult humanitarian conditions and in promoting international humanitarian law.

The sides exchanged views on the implementation of the initiative of the President of Turkmenistan to proclaim 2028 as the Year of International Law.

The interlocutors also discussed issues related to monitoring the humanitarian situation in the region and opportunities to expand cooperation, including exchange of experience, expert consultations and the organization of joint training events.

Particular attention was paid to strengthening the capacity of national structures involved in humanitarian response.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Президент Туркменистана поздравил Президента Португальской Республики***

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления г-ну Антониу Жозе Сегуру по случаю вступления в должность Президента Португальской Республики.

Пользуясь этой возможностью, глава государства адресовал Президенту Антониу Жозе Сегуру пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в деятельности во имя дальнейшего прогресса и процветания Португалии.

***Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана поздравил Верховного Лидера Исламской Республики Иран***

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Аятолле Сейеду Моджтабу Хосейни Хаменеи по случаю избрания на должность Верховного Лидера Исламской Республики Иран.

Пользуясь случаем, Герой-Аркадаг пожелал Верховному Лидеру Исламской Республики Иран крепкого здоровья, а также больших успехов во всех делах и начинаниях во имя мира и процветания народа Ирана.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***

# ТОРЖЕСТВЕННОЕ ПРАЗДНОВАНИЕ МЕЖДУНАРОДНОГО ДНЯ НОВРУЗ В ДИПЛОМАТИЧЕСКИХ ПРЕДСТАВИТЕЛЬСТВАХ ТУРКМЕНИСТАНА ЗА РУБЕЖОМ



## Мероприятие, посвящённое Международному празднику Новруз прошло в вузе Бишкека

В марте 2026 года в Кыргызском государственном университете имени И.Арабаева состоялось мероприятие, приуроченное к Международному празднику Новруз. В событии приняли участие преподаватели и студенты университета, в том числе студенты из Туркменистана.

В ходе празднования туркменские студенты рассказали о значении Новруза как неотъемлемой части богатого культурного наследия туркменского народа. Было отмечено, что с древних времён принципы мира и добрососедства являются основополагающими для культуры туркмен. В рамках мероприятия прошёл концерт и была организована выставка, подготовленные студентами из различных стран.

На выставке, организованной при содействии Посольства, были представлены уникальные туркменские ковры ручной работы, национальные костюмы, украшения, а также памятные сувениры. В честь года «Независимый, постоянно нейтральный Туркменистан – родина целеустремлённых крылатых скакунов» туркменские студенты представили яркое исполнение традиционного танца «Куштдепди».



## Торжественное празднование Международного дня Новруз в Тбилиси: единство культур и традиций



В марте 2026 года в историческом центре города, в Абанотубани, при поддержке мэрии, с участием Посольств Туркменистана, Азербайджана, Казахстана, Турции, диаспор и культурных центров отметили Международный день Новруз.

В культурной зоне Посольства Туркменистана, оформленной в национальном стиле, гости смогли прочувствовать уникальную самобытность и богатство культурного наследия страны. Были представлены книги Президента Сердара Бердымухамедова и Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова, а также традиционные костюмы, украшения, красочные ковровые изделия ручной работы, картины, сувениры, национальные блюда и сладости, а также отдельный стенд, посвященный девизу 2026 года-«Независимый, постоянно нейтральный Туркменистан-родина целеустремленных крылатых скакунов».



Новруз с давних времен является неотъемлемой частью жизни и культуры народов Востока. Традиции Новруза отражают самобытность каждой нации, укрепляя дружбу, единство, мир и доверие между народами. Этот праздник является прекрасным примером плодотворного межкультурного диалога, воплощая неразрывную связь времен и преемственность поколений, незыблемость общечеловеческих гуманистических ценностей.

Праздничное мероприятие завершилось концертом с национальной музыкой и танцами, подарившим гостям радость и атмосферу весеннего торжества.

## Türkmenistanyň Londondaky Ilçihanasy Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş bankynyň ştab-kwartirasynda Nowruz baýramy mynasybetli baýramçylyk çäresine gatnaşdy

2026-njy ýylyň martynda Türkmenistanyň Beýik Britaniýadaky Ilçihanasy Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş bankynyň London şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasynyň binasynda geçirilen Nowruz baýramy mynasybetli geçirilen baýramçylyk çäresine gatnaşdy.



Çärä Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjanyň Beýik Britaniýadaky Ilçihanalarynyň wekilleri we agzalan ýurtlaryň Birleşen Patyşalygynda bilim alýan talyplary hem-de ýaşaýan raýatlary, Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş bankynyň Prezidenti hanym Odil Reno-Basso hem-de bu bankyň wekilleri gatnaşdylar.

Çärede milli aýdym-sazlar konserti, milli tagamlaryň we amaly-haşam sungatynyň sergileri geçirildi.

Baýramçylyk çäresinde türkmen halkynyň milli egin-eşikleriniň, ýurdumyzyň ösüşine degişli kitaplaryň, şeýle-de 2026-njy ýylyň şygary "Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany" ýylyna bagyşlanan sergisi hem gurnaldy.

Şeýle-de çäräniň dowamynda daşary ýurt döwletleriniň aýdym-saz çykyşlary bolup, türkmeniň milli dutar saz guralynda türkmen halk aýdymy hem ýerine ýetirildi we uly şowhun bilen garşylandy.